| Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 22-nji iýunynda çykaran 253-iş belgili buýrugy | Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 24-nji iýulynda 892 san bilen bellige alyndy |
|---|---|

**Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň**
**TERTIBI**

I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Raýat, Zähmet Kodekslerine, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Kärhanalar hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda», «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

kassa – pul serişdelerini we beýleki gymmatlyklary saklamak, kabul etmek we bermek üçin niýetlenen, ýörite enjamlaşdyrylan otag;

ýetmezçilik – nagt pul serişdeleriniň (gymmatlyklaryň) hakyky möçberiniň hasabat resminamalarynyň görkezijileriniň möçberinden kem gelmekligi;

artykmaçlyk – nagt pul serişdeleriniň (gymmatlyklaryň) hakyky möçberiniň hasabat resminamalarynyň görkezijileriniň möçberinden artyk gelmekligi;

kassa galyndysynyň çäk möçberi – edara-kärhananyň we guramanyň kassasynyň iş gününiň ahyryndaky nagt pul galyndylarynyň kesgitlenen aňryçäk möçberi;

inkassasiýa – karz edarasynyň müşderilerinden, şahamçalaryndan, wekilliklerinden we beýleki düzüm birliklerinden gymmatlyklary äkitmek (eltip bermek) üçin kabul etmek arkaly daşamak we karz edarasynyň kassasyna tabşyrmak;

jogapkärçilikde saklamak – gymmatlyklary bellenen tertipde saklamak.

Şu Tertipde agzalyp geçilmedik düşünjeler bar bolan ýagdaýynda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda getirilen düşünjeler ulanylmalydyr.

3. Şu Tertibiň talaplary Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, eýeçiliginiň görnüşine we guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan ähli edara-kärhanalar we guramalar (mundan beýläk – Kärhanalar) tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin hökmanydyr.

4. Karz edaralarynda kassa amallaryny ýöretmek Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 281-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda 785 san bilen bellige alnan Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama laýyklykda alnyp barylýar.

5. Ilat bilen geçirilýän pul hasaplaşyklaryny hasaba almak üçin kärhanalar, Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda 600 san bilen bellige alnan Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşleri ulanmak boýunça Gollanma bilen tassyklanylan K-4 görnüş boýunça kassa kitabynda dolulygyna, üznüksiz resminamalaýyn we özara arabaglanyşykda görkezmek arkaly, kassa amallarynyň buhgalterçilik

hasaba alnyşy boýunça ýöretmäge borçludyrlar.

6. Ilat bilen hasaplaşyklar geçirlende kärhanalar tarapyndan nagt pullaryň kabul edilmegi hökmany elektron gözegçilik-kassa abzallarynyň (mundan beýläk – EGKA) ulanylmagy we gündelik hasaplaşyklar boýunça jemleýji maglumatlary kassir tarapyndan (buhgalteriň) kassa kitabynda görkezilmegi bilen amala aşyrylýar. EGKA amallary boýunça hasabat maglumatlary kärhananyň kassasyna pul tabşyrylan wagtynda çykdajy kassa orderine goşulýar.

7. Kärhanalar öz borçnamalary boýunça beýleki kärhanalar we hususy telekeçiler bilen hasaplaşyklary, karz edaralarynyň üsti bilen nagt däl tertipde amala aşyrýarlar.

8. Kärhanalar tarapyndan karz edaralaryndan alnan nagt pul serişdeleri, olaryň niýetlenilip alnan maksatlaryna ulanylýar.

9. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden kärhanalaryň kassalaryna gelip gowuşýan nagt pul serişdeleri, soňra olaryň bank hasaplaryna girdeji etmek üçin, karz edaralaryna hökmany tabşyrylmaga degişlidir.

Kärhanalaryň kassalarynda nagt pul galyndysynyň çäk möçberi (Türkmenistanyň döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralardan başga) olara hyzmat edýän karz edaralary tarapyndan, kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşylyp bellenilýär we kärhananyň kassasynda nagt pullar bellenen möçberiniň çäginde saklanyp bilner.

Kärhanalaryň kassasyndaky nagt pullaryň galyndysynyň çäk möçberi we nagt girdejiden pullary ulanmagyň kadalary, hemişelik nagt pul girdejisi bolan her bir kärhana üçin, olaryň özbaşdak balansda durýandygyna ýa-da durmaýandygyna garamazdan, (şol sanda öz işini hojalyk hasaplaşygy esasynda amala aşyrýan býujet edaralary) karz edarasy tarapyndan her ýyl bellenilýär. Zerurlyk ýüze çykanda, ýylyň dowamynda kassa galyndysynyň çäk möçberine täzeden seredilip bilner. Hemişelik nagt pul girdejisi bolmadyk kärhanalar hojalyk zerurlyklary üçin çek arkaly nagt pullary alyp ulanmaklarynyň düzgünleri (möçberi), hyzmat edilýän karz edarasy bilen ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar (mundan beýläk – býujet edaralary) (Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby bölümlerinden başga) üçin kassa galyndysynyň çäk möçberi, bellenen tertipde, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we (ýa-da) onuň sebitlerdäki müdirlikleri (bölümleri) tarapyndan bellenilýär. Kassa galyndysynyň bellenilen çäk möçberleri býujet edaralary tarapyndan hat üsti bilen hyzmat ediji karz edaralarynyň dykgatyna ýetirilýär.

Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby bölümleri üçin kassa galyndysynyň çäk möçberi karz edaralary tarapyndan bellenen tertipde, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy bilen ylalaşylyp bellenilýär.

Kärhana tarapyndan nagt pullar karz edaralarynyň kassalaryna tabşyrylanda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen möçberiň çäginde, şeýle hem awtoulag we gorag bilen üpjün edilen ýagdaýynda (kärhananyň kassiriniň özi bilen kärhana tarapyndan ygtyýarly edilen 3 sany adam) ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň inkassatorlary tarapyndan tabşyrylyp bilner. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň bölümlerinden (bölümçelerinden) uzaklykda ýerleşen kärhanalar tarapyndan iki tarapyň ylalaşygy bilen şertnama esasynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýa bölüminiň (bölümçeleriniň) ugratmagynda nagt pullaryň gatnadylmagy amala aşyrylyp bilner.

Nagt pul girdejisi, soňra karz edarasyna tabşyrmak üçin kärhananyň kassiri tarapyndan kärhanalaryň ýanyndaky birleşdirilen kassalara, şeýle hem karz edarasyndaky bank hasabyna geçirmek üçin Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi tarapyndan ygtyýarlandyrlan guramalaryna (gulluklaryna) tabşyrylyp bilner.

Kärhananyň kassiri nagt pullary almak üçin karz edarasyna gelen wagtynda karz edarasynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň gorag işgärine ýörite ynanç hatyny (Tertibe 3-nji goşundy) berýär. Bu ynanç hatynda kärhananyň doly ady, ähli rekwizitleri, pullary kabul etmeli kassiriň F.A.Aa., pasport seriýasy we belgisi, ýanynda bolýan kärhana tarapyndan ygtyýarly edilen şahslaryň F.A.Aa. (azyndan 3 adam), olaryň pasport seriýalary we belgileri hem-de kärhana degişli awtoulagyň kysymy we döwlet belgisi görkezilýär. Ynanç hatyna kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilip, möhüri bilen berkidilýär.

10. Kärhana geljekki çykdajylary üçin, şol sanda kärhananyň işgärlerine zähmet hakyny tölemek üçin öz kassasynda, kassa galyndysynyň çäk möçberinden artyk möçberde nagt pullary jemlemäge (toplamaga) ýol berilmeýär.

Kärhanalara öz kassasynda diňe zähmet hakyny, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek puluny hem-de kanunçylyk esasynda ilata nagt görnüşde tölenilýän beýleki tölegleri üçin karz edarasyndan alan nagt pullaryny, kassa galyndysynyň çäk möçberinden artyk möçberde 3 (üç) iş gününden köp bolmadyk möhletde (daýhan birleşikleri, şeýle hem barmasy kyn bolan sebitlerde ýerleşen kärhanalar üçin 5 (bäş) iş gününe çenli) saklamaga ýol berilýär.

Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň harby bölümlerine öz kassalarynda harby gullukçylaryň pul hakheşdegini, harby gullukçylaryň goşmaça pul töleglerini, aýratyn çykdajylaryny hem-de raýat işgärleriniň zähmet haklaryny, kömek pullaryny we talyp haklaryny tölemek üçin karz edarasyndan alan nagt pullaryny bellenilen çäkden artyk möçberde 7 (ýedi) iş gününden köp bolmadyk möhletde saklamaga ýol berilýär.

Kärhanalara hepdelik dynç günler, işlenmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde kassa galyndysynyň çäk möçberinden artyk nagt pullary wagtlaýyn saklamaga rugsat berilýär.

11. Kärhanalar özüne kassa hyzmatyny amala aşyrýan karz edarasy bilen ylalaşyp, kärhananyň ýolbaşçylary tarapyndan kesgitlenilýän möçberlerde, hojalyk-amaly çykdajylary üçin 5 (bäş) iş gününiň dowamynda, dolandyryş çykdajylary üçin 10 (on) iş gününiň dowamynda hasabat bermek şerti bilen, nagt pullary berip biler.

Gulluk iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylar üçin nagt pullaryň hasabat boýunça berilmegi, gulluk iş saparyna iberilýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şu maksatlar üçin berilmäge degişli möçberleriň çäklerinde amala aşyrylýar.

Nagt pullary hasabat boýunça alan işgärler gulluk iş saparyndan gelenlerinden soň 7 (ýedi) senenama gününiň dowamynda sarp eden möçberleri hakynda hasabatyny kärhananyň buhgalteriýasyna tabşyrmaga we olar boýunça gutarnykly hasaplaşyk geçmäge borçludyrlar.

Nagt pullaryň hasabat boýunça berilmegi, anyk jogapkär işgäriň özüne öňki berlen hakujy boýunça şu Tertibiň 1-nji goşundysyndaky görnüş boýunça doly hasabat bermek şerti bilen amala aşyrylýar.

Bir işgäriň hasabat boýunça alan nagt pullaryny başga işgäre geçirmegi gadagan edilýär.

12. Kärhana kassa amallarynyň hasabyny Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda 600 san bilen bellige alnan “Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşleri ulanmak boýunça Gollanma” goşulan görnüşleri boýunça alyp barýar.

## II. NAGT PULLARYŇ KABUL EDILMEGI, BERILMEGI WE KASSA RESMINAMALARYNYŇ RESMILEŞDIRILIŞI

13. Pul belgileri (banknotlar we şaýy pullary) kabul edilende kärhananyň kassirleri tarapyndan pul belgileriniň tölege ukyplylygynyň alamatlaryny kesgitlemeklik Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2012-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda çykaran 7-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda 622 san bilen bellige alnan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň tölege ukyplylygynyň alamatlaryny kesgitlemegiň we olary çalyşmagyň tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

14. Kärhananyň kassasyna nagt pullaryň kabul edilmegi baş buhgalter (ýa-da kärhananyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlandyran işgäri) we kassiri tarapyndan gol çekilýän Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan № K-1 umumy kabul edilen pudagara görnüş boýunça girdeji kassa orderi esasynda kassir tarapyndan amala aşyrylýar.

Girdeji kassa orderiniň ýanynda kärhananyň baş buhgalteriniň (ýa-da kärhananyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlandyran işgäriniň) we kassiriň gollary goýulan we kassiriň möhüri (möhürçesi) bilen berkidilen, pullaryň kabul edilendigi hakynda töleg haty berilýär.

15. Kärhananyň kassasyndan nagt pullaryň berilmegi Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan № K-2 görnüş boýunça çykdajy kassa orderi esasynda amala aşyrylýar.

Pullary bermek üçin resminamalar kärhananyň ýolbaşçysy we baş buhgalteri tarapyndan gol çekilen bolmalydyr. Nagt pullary bermek üçin resminamalarda kassadan pullary alan şahsyň we kassiriň gollary bolmalydyr. Töleg sanawynyň ýerine ýetirilişine hasaplaşyk kassa amallary boýunça jogapkär buhgalter tarapyndan gözegçilik edilýär we onuň goly bilen berkidilýär.

Býujet edaralaryna hyzmat edýän merkezleşdirilen buhgalteriýalarda tölenen zähmet hakynyň umumy möçberine bir çykdajy kassa orderi düzülýär, onuň senesi we belgisi her bir töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawynda görkezilýär.

16. Çykdajy kassa orderi ýa-da onuň ýerini tutýan resminama boýunça nagt pullar berlende, kassir (ygtyýarlandyrylan işgär) alyjynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasportyň ýa-da başga resminamanyň) görkezilmegini talap edýär, şol resminamanyň adyny we belgisini, onuň haýsy edara tarapyndan we haçan berlendigini ýazýar hem-de alyja onuň nagt pullary alandygy barada tassyklaýjy goluny çekdirýär.

Kärhana tarapyndan berlen şahsyýetnamasynda eýesiniň suraty ýelmenen we şahsy goly goýulan bolsa, onda şahsyýetnamasynyň asyl nusgasy boýunça hem, nagt pullar berlip bilner.

Nagt pullaryň alnandygy diňe öz eli bilen, alnan puluň möçberi görkezilip: manady – ýazmaça, teňňeleri – sanlarda, ýazylyp görkezilýär. Nagt pullar sanaw boýunça alnanda möçberi ýazmaça görkezilmeýär.

17. Kärhananyň işgärleriniň sanawyndan daşary işleýän işgärlere nagt pullaryň berilmegi her bir işgäre ýazylýan çykdajy kassa orderi boýunça ýa-da baglaşylan şertnamalar esasynda aýratyn sanaw boýunça amala aşyrylýar.

Kärhananyň işgärleriniň sanawyndan daşary işleýän işgärler bilen hasaplaşyklar zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly bolmadyk işler üçin raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar baglaşylan ýagdaýynda, olaryň karz edaralarynda açylýan şahsy bank hasaplary arkaly geçirilýär.

Önümçilik awariýasynyň ýa-da tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak üçin işe çekilýän şahslara pul berilmegi sanawnama boýunça amala aşyrylýar. Sanawnamalar işgärleri görkezilen işlere gönükdiren kärhananyň her biri boýunça aýratynlykda düzülýär hem-de işleri guraýjy kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň gollaryndan başga-da, degişli kärhananyň ygtyýarlandyrylan işgäriniň goly bilen tassyklanylýar.

Ýarawsyzlygy ýa-da başga esasly sebäpler boýunça puly hut özi almaga mümkinçiligi bolmadyk işgärlere tölenmäge degişli möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde resmileşdirilen ynanç haty esasynda puly almak hukugy ynanylan başga şahsa berlip bilner.

Kärhananyň kassiri nagt pullary diňe çykdajy kassa orderinde ýa-da onuň ýerini tutýan resminamada görkezilen şahsa berýär. Eger nagt pullar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde resmileşdirilen ynanç haty boýunça berilýän bolsa, orderiň ýazgysynda puly alyjynyň adynyň, atasynyň adynyň we familiýasynyň soňundan puly almak hukugy ynanylan şahsyň ady, atasynyň ady we familiýasy buhgalteriýa tarapyndan görkezilýär. Eger pullar sanaw boýunça berilýän bolsa, kassir puluň alnandygy hakynda ýazgynyň öňünde «Ynanç haty boýunça» diýip ýazýar. Ynanç haty boýunça pul berilmegi şu Tertibiň 15-nji bölüminde göz öňünde tutulan talaplara laýyklykda amala aşyrylýar. Ynanç haty çykdajy kassa orderine ýa-da sanawa goşundy hökmünde günüň resminamalarynda çatylýar.

Kärhananyň buhgalteriýasynyň ýa-da kassasynyň işgärlerine başga şahs üçin gol çekmeklik gadagan edilýär. Çykdajy kassa orderinde puly hakyky alyjynyň we oňa puly almak hukugy ynanylan şahslaryň şahsyýetlerini tassyklaýan resminamanyň ady, belgisi, haýsy edara tarapyndan berlendigi, berlen senesi we ýazgyda duran ýeri görkezilýär.

Komission söwdasy bilen meşgullanýan komitente nagt pullaryň berlişi Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Zähmet hakyny we wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pullaryny tölemeklik her bir alyja çykdajy kassa orderini düzmezden, töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamasy boýunça kassir tarapyndan amala aşyrylýar. Töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamalarynyň başlangyç (ýüzündäki) sahypasynda kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň gollary bilen berkidilen pullary tölemek hakynda rugsat ýazgysy ýazylýar.

Birnäçe işgärleriň zähmet hakyna (zähmet rugsadyna gidilende) pullaryň bir gezekleýin berilmegi, şeýle hem deponirlenen möçberleriň we gulluk iş saparlary bilen bagly bolan çykdajylar üçin pullaryň hasabat boýunça berilmegi hem şonuň ýaly tertipde resmileşdirilýär.

Dürli işgärleriň zähmet hakyna pullaryň bir gezekleýin berilmegi çykdajy kassa orderleri boýunça amala aşyrylýar.

18. Zähmet hakyny we wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pullaryny tölemek üçin şu Tertibiň 10-njy bölüminde bellenilen möhletleriň geçmegi bilen, kassir şulara borçludyr:

a) töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamasynda görkezilen tölegler kime tölenilmedik bolsa, şonuň familiýasynyň garşysynda möhürçesini goýýar ýa-da el bilen «Deponirlenen» diýip bellik edýär;

b) töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamasynyň soňunda hakyky tölenilen we deponirlenmäge degişli möçberler barada ýazgy edýär, olary töleg sanawnamasynyň umumy jemi bilen deňeşdirýär we ýazgyny öz goly bilen tassyklaýar. Kärhananyň buhgalteriýasy deponirlenmäge degişli möçberleriň esasynda deponirlenýän möçberleriň sanawnamasyny düzýär. Eger pullar kassirden başga işgäri tarapyndan berilýän bolsa, onda sanawda «Sanawnama boýunça pullary berdim (goly)» diýen goşmaça ýazgy edilýär. Kassiriň we paýlaýjynyň bir sanawnama boýunça pullary bermegi gadagan edilýär;

ç) kassa kitabynda hakyky tölenilen möçberleri ýazýar we sanawnamasynda «№___ çykdajy kassa orderi» diýen möhürçäniň yzyny goýýar. Buhgalteriýa kassirleriň töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamasynda eden bellikleri hem-de olar boýunça berlen we deponirlenen möçberleriň hasaplanylyşyny barlaýar. Deponirlenen möçberler karz edarasyna tabşyrylýar we tabşyrylan möçberlere bir umumy çykdajy kassa orderi düzülýär.

19. Girdeji kassa orderleri we olaryň töleg hatlary, şeýle hem çykdajy kassa orderleri we olaryň ýerini tutýan çalyşýan resminamalar buhgalteriýa tarapyndan ruçka bilen dürs we anyk doldurylan ýa-da çap edýän enjamda (kompýuter, hasaplaýyş, hat ýazýan enjamynda) çykarylan bolmalydyr.

Kassa resminamalaryna düzediş girizmäge, bozmaga we garalamaga ýol berilmeýär.

Girdeji we çykdajy kassa orderlerinde olaryň düzülmegi üçin esaslar görkezilýär we olara goşulýan resminamalar sanalyp geçilýär.

Girdeji we çykdajy kassa orderleriniň ýa-da olaryň ýerini tutýan resminamalaryň nagt pullary tabşyrýan (alýan) şahslaryň eline berilmegi gadagan edilýär. Kassa orderleri boýunça puluň berilmegi we kabul edilmegi, diňe olaryň düzülen güni amala aşyrylyp bilner.

20. Kärhananyň kassiri girdeji we çykdajy kassa orderlerini ýa-da olaryň ýerini tutýan resminamalary alanda, şulary barlamaga borçludyr:

a) resminamalarda baş buhgalteriň golunyň, çykdajy kassa orderlerinde bolsa kärhananyň ýolbaşçysynyň rugsat beriji ýazgysynyň (golunyň) barlygyny we golunyň hakykylygyny;

b) resminamalaryň resmileşdirilişiniň dogrulygyny;

ç) resminamalarda sanalyp geçilýän goşundylaryň barlygyny.

Şu talaplaryň berjaý edilmedik ýagdaýynda, kassir resminamalary talap edilişi ýaly resmileşdirmek üçin buhgalteriýa gaýtarýar. Girdeji we çykdajy kassa orderlerinde ýa-da olaryň ýerini tutýan resminamalarda olar boýunça pul berlenden ýa-da alnandan soň haýal edilmän kassir tarapyndan gol çekilýär, olara goşulýan resminamalara bolsa senesini (gününi, aýyny, ýylyny) görkezmek bilen, «Tölenen» diýen ýazgy ýa-da möhürçe goýulýar.

21. Girdeji we çykdajy kassa orderleri ýa-da olaryň ýerini tutýan resminamalar kassa berilmezden öň

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan K-3 görnüş boýunça girdeji we çykdajy kassa resminamalarynyň bellige alyş žurnalynda buhgalteriýa tarapyndan hasaba alynýar. Zähmet haklaryny, işden çykylanda berilýän kömek pullaryny we işgärlere öwezini doluş töleglerini tölemek üçin töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamalary boýunça resmileşdirilen çykdajy kassa orderleri, olar tölenenden soňra hasaba alynýar. EGKA-nyň hasaplaýjysynyň jemleýji görkezijileri üçin resmileşdirilen girdeji kassa orderleri hem buhgalteriýa tarapyndan hasaba alynýar. Girdeji we çykdajy kassa resminamalarynyň hasaba alynmagy hasaplaýyş tehnikasynyň serişdelerini ulanmak arkaly amala aşyrylyp bilner. Şunda, degişli gün üçin düzülýän «Girdeji we çykdajy kassa orderlerini hasaba alyş žurnalyna goýulýan sahypa» diýlen ýazgyly, elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalarda pul serişdeleriniň maksatlaýyn niýetlenilişi boýunça hereketini hasaba almak üçin maglumatlar hem jemlenýär.

III. KASSA KITABYNYŇ ALNYP BARLYŞY WE PULLARYŇ SAKLANYLYŞY

22. Ähli gelip gowuşýan we berilýän nagt pullar kassa kitabynda hasaba alynýar.

23. Her bir kärhana Türkmenistanyň çäklerinde dolanyşykda bolan nagt pullar üçin Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan K-4 görnüş boýunça diňe bir kassa kitabyny ýöretmäge borçludyr. Kassa kitaby ýüp bilen daňylan, belgilenen we kärhananyň sürgüç ýa-da syýaly möhüri bilen möhürlenen bolmalydyr. Kassa kitabyndaky sahypalaryň sany kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň gollary bilen tassyklanylýar. Söwdadan we hyzmat etmekden alnan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çalşylan daşary ýurt pulunyň hasaby aýratyn kassa kitabynda daşary ýurt döwletiň pul birliginde alnyp barylýar.

Kassa kitabyndaky ýazgylar nusga geçiriji kagyzy ulanmak arkaly 2 (iki) nusgada ýazylýar. Sahypalaryň ikinji nusgalary kesilip alynýan bolmalydyr we ilkibaşky kassa resminamalary bilen birlikde çatylyp, kassiriň hasabaty bolup durýar. Sahypalaryň birinji nusgalary kassa kitabynda galdyrylýar. Sahypalaryň birinji we ikinji nusgalary birmeňzeş belgiler bilen belgilenýär.

Kassa kitabynda bellenilmedik düzedişleri we bozmalary girizmek gadagan edilýär. Girizilen düzedişler kassiriň ýa-da ony çalyşýan işgäriň, şeýle hem baş buhgalteriň gollary bilen berkidilýär.

24. Kassa kitabyna ýazgylar pullaryň alynmagyndan ýa-da berilmeginden soň kassir tarapyndan her order ýa-da onuň ýerini tutýan resminama esasynda girizilýär. Her gün, iş gününiň soňunda kassir gün boýunça amallaryň jemini hasaplaýar, kassada indiki güne galýan nagt pullaryň galyndysyny çykarýar. Kesilip alynýan ikinji sahypa (kassa kitabynda gün boýunça ýazgylaryň nusgasy) girdeji we çykdajy kassa orderleri bilen birlikde kassiriň hasabaty hökmünde, kassa kitabynda gol çekilip, buhgalteriýa tabşyrylýar. Kassa kitabynyň bir sahypasynda birnäçe günün dowamynda berlen we kabul edilen nagt pullaryň ýazylmagyna ýol berilmeýär.

25. Maglumatlaryň goraglylygy we kassa resminamalaryna barmak ygtyýarlygynyň çäklendirilmegi üpjün edilen ýagdaýynda kärhanalarda kassa kitaby awtomatlaşdyrylan usulda alnyp barlyp bilner, şunda onuň sahypalary «Kassa kitabyna goýulýan sahypa» diýlen ýazgyly, elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalary arkaly düzülýär. Şonuň bilen bir wagtda «Kassiriň hasabaty» diýlen ýazgyly, elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalary hem düzülýär. Agzalan elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň ikisi-de indiki iş gününiň başlanmagyna çenli düzülmelidir, birmeňzeş mazmunda bolmalydyr we kassa kitabynyň görnüşinde göz öňünde tutulan ähli maglumatlary özünde jemlemelidir. Şol maşyn ýazgylaryndaky kassa kitabynyň sahypalarynyň belgilenmegi awtomatiki usulda ýylyň başyndan başlap ösýän tertipde amala aşyrylýar.

«Kassa kitabyna goýulýan sahypa» diýlen elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalary her aýyň soňundan kassa kitabynyň sahypalarynyň her aý boýunça umumy sany awtomatiki usulda

çap edilmelidir, olar depderlere çatylýar we aýratyn saklanýar. Bu depderler, kagyzdaky kassa kitabyny alyp barmak üçin göz öňünde tutulan ähli talaplary berjaý edilip, ýylyň tamamlanmagy bilen kassa kitabyna birleşdirilýär.

«Kassa kitabyna goýulýan sahypa» we «Kassiriň hasabaty» diýlen elektron göterijide çap edilip çykarylan ilkinji hasaba alyş resminamalary alandan soň, kassir görkezilen resminamalaryň dogry düzülendigini barlamaga, olara gol çekmäge we kassa kitabynda galdyrylýan sahypa gol çekdirip, kassiriň hasabatyny girdeji we çykdajy resminamalary bilen birlikde kärhananyň buhgalteriýasyna tabşyrmaga borçludyr.

Kassa kitabynyň dogry alnyp barlyşyna gözegçilik etmek kärhananyň baş buhgalterine berkidilýär.

26. Çykdajy kassa orderinde ýa-da onuň ýerini tutýan resminamada alyjynyň goly bilen tassyklanmazdan kassadan nagt puluň berilmegi kassadaky nagt puluň galyndysyna delil hökmünde kabul edilmeýär. Bu möçber ýetmezçilik diýip hasap edilýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kassirden tutulyp alynýar. Girdeji kassa orderleri bilen tassyklanmadyk nagt pullar kassanyň artykmaçlygy diýip hasap edilýär.

27. Iş güni başlanmazdan öň uly kassir beýleki kassirlere çykdajy amallaryny geçirmek üçin zerur bolan nagt pullary kassirlere berlen we alnan nagt pullaryň hasaba alyş kitabynda gol çekişip hakujy berýär.

Iş gününiň soňunda kassirler alan hakujylary we girdeji kassa orderleri boýunça kabul edilen nagt pullar barada uly kassire hasabat bermäge, kassirlere berlen we alnan nagt pullaryň hasaba alyş kitabynda gol çekişip, nagt pullaryň galyndysyny we geçirilen amallar boýunça kassa resminamalaryny uly kassire tabşyrmaga borçludyrlar.

Zähmet hakyny we talyp hakyny tölemek üçin alnan hakujylar boýunça kassir olaryň tölenilmegi üçin töleg sanawynda görkezilen möhletde hasabat bermäge borçludyr. Şol möhlet geçýänçä, kassirlerden töleg sanawlary boýunça tölenmän galan nagt pullaryň galyndysyny her gün kassa tabşyrmaga borçludyrlar. Bu pullar kassirler tarapyndan möhürlenen torbalarda, bukjalarda we gaýry gaplarda, tabşyrylýan möçberini görkezmek bilen, gol çekdirip uly kassire tabşyrylýar. Günüň dowamynda kabul edilen we berlen nagt pul serişdeleri kassir tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan K-5 görnüş boýunça Kassiriň kabul eden we göýberen pul serişdeleriniň hasaba alyş kitabynda görkezilýär.

28. Nagt pullar bilen hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin her bir kärhanada kassanyň – nagt pullary kabul etmek, bermek we wagtlaýyn saklamak üçin niýetlenilen, daşy berkidilen we ýörite enjamlaşdyrylan (duýduryş enjamy ýa-da gorag, gapylarda we penjirelerde demir gözenekler, nagt pullary bermek üçin ýörite penjire goýlan) jaýyň bolmagy hökmanydyr. Kärhanalaryň ýolbaşçylary kassalaryny enjamlaşdyrmaga we pullaryň kassa jaýlarynda, şeýle hem olaryň karz edaralardan getirilen we karz edaralaryna tabşyrylan wagtynda, goraglylygyny üpjün etmäge borçludyrlar. Pul serişdeleriniň saklanylmagynda we daşalmagynda olaryň goraglylygyny üpjün edýän zerur şertler öz günäleri bilen döredilmedik ýagdaýynda kärhanalaryň ýolbaşçylary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

Kassa amallary geçirilýän wagty kassanyň gapylary iç tarapyndan gulplanan bolmalydyr. Kassanyň jaýyna kärhananyň ýolbaşçysyndan, baş buhgalterinden hem-de ýolbaşçynyň buýrugy bilen ygtyýar berlen taraplardan başga işgärlere girmek gadagan edilýär.

29. Kärhananyň ähli nagt pullary ýanmaýan demir seýflerde, aýratyn ýagdaýlarda bolsa, kombinirlenen we adaty demir şkaflarda saklanmalydyr, olar kassanyň işi tamamlanandan soň, açar bilen gulplanýar we kassiriň sürgüç möhüri bilen möhürlenýär. Demir şkaflaryň açarlary we möhürler kassirlerde saklanylýar, olary kärhananyň beýleki açarlaryny saklamak üçin niýetlenilen ýerlerde goýmak, keseki şahslara bermek ýa-da olaryň hasaba alynmadyk nusgasyny ýasatmak kassirlere gadagan edilýär.

Açarlaryň hasaba alnan nusgalary kassirleriň möhürlän bukjalarynda (haltajykda we ş.m.) kärhananyň ýolbaşçysynda saklanýar. Olar kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilýän iş topary tarapyndan çärýekde azyndan bir gezek barlanylýar we netijesi delilnama bilen berkidilýär. Açaryň ýitirilendigi mälim bolsa, kärhananyň ýolbaşçysy ýüze çykan ýagdaý barada Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralaryna habar berýär we haýal etmän demir şkafyň gulpuny çalyşmak üçin çäre görýär.

Kassada kärhana degişli bolmadyk nagt pullaryň we gaýry gymmatlyklaryň saklanylmagy gadagandyr.

30. Kassa jaýyny we demir şkaflary açmazyndan öň, kassir gulplaryň, gapylaryň, penjire germewleriniň, möhürleriň we plombalaryň abatlygyny gözden geçirmäge, gorag duýduryş enjamynyň işleýändigini anyklamaga borçludyr. Möhürler aýrylan ýa-da şikes ýeten, gulplaryň, gapylaryň ýa-da germewleriň döwülen ýagdaýynda, kassir bu barada haýal etmän kärhananyň ýolbaşçysyna habar bermäge borçludyr, ol öz gezeginde bolup geçen hadysa barada kärhananyň ýerleşýän ýeri boýunça Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralaryna habar berýär we olaryň işgärleriniň gelmegine çenli kassany goramak boýunça çäreleri görýär. Bu ýagdaýda, ýolbaşçy, baş buhgalter ýa-da olary çalyşýan işgärler, şeýle hem kärhananyň kassiri Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň rugsady alnandan soň, kassada saklanylýan pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň ýerinde barlygyny barlaýarlar. Bu barlag kassa amallary başlanmazdan öň geçirilmelidir. Barlagyň netijeleri hakynda azyndan iki nusgada delilnama düzülýär, oňa barlaga gatnaşan şahslaryň ählisi gol çekýärler. Delilnamanyň bir nusgasy Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralaryna berilýär, ikinjisi bolsa kärhanada goýulýar, zerur bolanda nusgalaryň sany dörde çenli goşmaça köpeldilýär, biri – degişli ätiýaçlandyryş guramasyna (kassa ätiýaçlandyrylan ýagdaýynda), biri – ýokary duran gurama (onuň bar bolan ýagdaýynda) iberilýär.

31. Kassir özüne ynanylan ähli pul serişdeleriniň (gymmatlyklaryň) doly abat saklanylmagy üçin hem-de bilkastlaýyn hereketi, şonuň ýaly-da, öz borçlaryna sowuk-sala ýa-da seresapsyz garamagy netijesinde kärhana ýetirilen zyýan (zelel) üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

32. Kassiriň wezipä bellenilýändigi baradaky buýruk çykarylandan soň, kärhananyň ýolbaşçysy ony, gol çekdirip, şu Tertip bilen tanyşdyrmaga borçludyr, soňra kassir bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen görnüşdäki Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 25-nji awgustynda çykaran 10605-nji karary bilen tassyklanan Doly şahsy maddy jogapkärçilik hakynda mysaly Şertnama laýyklykda baglaşylýar.

33. Kassire öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegi başga birine ynanmagy gadagandyr.

34. Bir kassiri bolan kärhanalarda ony wagtlaýyn çalyşmak zerur bolan ýagdaýynda kassiriň wezipelerini ýerine ýetirmeklik kärhananyň ýolbaşçysynyň ýazmaça buýrugy esasynda başga bir işgäre berkidilýär. Şol işgär bilen doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylýar. Kassir esasly sebäp boýunça gitmeli bolanda (saglyk ýagdaýy sebäpli we ş.m.), kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan iş topary döredilýär. Kassiriň jogapkärçiligindäki pul serişdeleri olary kabul edip alýan kassiri tarapyndan kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş buhgalteriniň ýa-da kärhananyň ýolbaşçysynyň bellän işgärlerden düzülen toparyň gatnaşmagynda haýal edilmän gaýtadan sanalýar. Gaýtadan sanamagyň netijeleri we gymmatlyklaryň geçirilmegi hakynda görkezilen şahslaryň gollary bilen berkidilýän delilnama düzülýär. Delilnama üç nusgada düzülýär, olaryň biri – esasly sebäp boýunça giden kassire, ikinjisi - pul serişdeleri tabşyrylan kassire we üçünjisi - kärhananyň ýolbaşçysyna berilýär.

35. Köp sanly düzüm birlikleri bolan ýa-da merkezleşdirilen buhgalteriýada hyzmat edilýän kärhanalarda, zähmet hakyny we kanunçylyk esasynda işgärlere nagt görnüşde tölenilýän beýleki tölegleri tölemeklik kärhananyň ýolbaşçysynyň ýazmaça buýrugy boýunça kassirden başga işgärler tarapyndan amala aşyrylyp bilner, olar bilen doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylýar we olara şu Tertip bilen kassirler üçin bellenilen ähli hukuklar we borçlar degişlidir. Şeýle işgärler tarapyndan nagt pul serişdeleriniň berilmegi we kabul edilmegi kassa jaýlarynda amala aşyrylýar.

Işgärleriň sanawynda kassir wezipesi göz öňünde tutulan kärhanalarda kärhananyň ýolbaşçysy, buhgalterleri we kassa resminamalarynda gol çekmek hukugy bolan beýleki işgärler kassiriň wezipesini ýerine ýetirip bilmeýärler. Kärhanalarda kassir wezipesi göz öňünde tutulmadyk halatynda onuň wezipesi kärhananyň ýolbaşçysynyň ýazmaça buýrugy esasynda baş buhgaltere ýa-da başga işgäre ýüklenilip bilner.

## IV. KASSANYŇ BARLANYLYŞY WE KASSA DÜZGÜN-NYZAMYNA GÖZEGÇILIK EDILIŞI

36. Kärhananyň ýolbaşçysynyň bellän möhletlerinde, ýöne aýda azyndan bir gezek, şeýle hem kassirler çalşylan ýagdaýynda, kassada bar bolan ähli nagt pullary dolulygyna ýeke-ýekeden sanamak bilen, kassanyň duýdansyz barlagy geçirilýär. Kassadaky nagt puluň galyndysy kassa kitaby boýunça hasabyň maglumatlary bilen deňeşdirilýär. Kassanyň barlagyny geçirmek üçin kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen iş topary döredilýär, ol Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 82 belgili buýrugy bilen tassyklanylan T-13 „Nagt pul serişdeleriniň tükelleýiş delilnamasy“ görnüş boýunça delilnama düzýär. Barlagyň dowamynda kassadaky gymmatlyklaryň ýetmezçiligi ýa-da artykmaçlygy ýüze çyksa, olaryň möçberleri hem-de ýüze çykmagynyň sebäpleri delilnamada görkezilýär.

37. Ýokary duran guramalar (olaryň bar bolan ýagdaýynda) tabynlygyndaky kärhanalarda resminamalaýyn barlaglar wagtynda kassany derňeýärler we kassa düzgün-nyzamynyň berjaý edilişini barlaýarlar. Şunda, nagt pullaryň goraglylygynyň üpjün edilişiniň we maksatlaýyn ulanylyşynyň, pul girdejileriniň karz edaralarynyň kassalaryna öz wagtynda we doly tabşyrylyşynyň meselelerine aýratyn üns berilmelidir.

38. Şu Tertibiň berjaý edilişi üçin jogapkärçilik degişlilikde kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, baş buhgalterlerine, kassirlerine ýüklenilýär.

39. Kassa düzgün-nyzamynyň bozulmagyna günäkär işgärler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

40. Türkmenistanyň Merkezi banky, onuň welaýat şahamçalary we karz edaralary, kärhanalar tarapyndan kassa amallaryny ýöretmegiň, şu Tertipde bellenilen talaplarynyň berjaý edilişini ýylda azyndan 1-2 gezek barlamaga ygtyýarlydyr. Şu Tertibiň býujet edaralary tarapyndan berjaý edilişiniň barlagy ygtyýarlandyrlan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Kärhanalar tarapyndan şu Tertibiň berjaý edilişiniň barlagyny amala aşyrmaga ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde barlaglar geçirilip bilner.

41. Degişli döwlet gözegçiligini we Türkmenistanyň Merkezi bankyna habar bermek bilen karz edarasynyň barlaglaryny amala aşyrýarlar.

42. Kassa düzgün-nyzamynyň barlaglary wagtynda ýüze çykarylan ýetmezçilikler, şeýle hem kassa düzgün-nyzamynyň bozulmagyna ýardam berýän şertler we sebäpler hökmany tertipde kärhanalar tarapyndan düzedilmäge degişlidir.

43. Karz edaralary her aý, hasabat aýynyň soňundan gelýän aýyň 1-ne, kärhanalar tarapyndan şu tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine geçirilen barlaglar boýunça Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň berjaý edilişiniň barlaglary hakyndaky hasabaty (Tertibe 2-nji goşundy) Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyrýarlar.

44. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralary kassalaryň we kassa nokatlarynyň tehniki ýagdaýyny, pullaryň we gymmatlyklaryň goraglylygynyň üpjün edilişini öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde barlaýarlar.

Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň
Tertibine 1-nji goşundy

*Ýüz tarapy*

Gurama

Geçirme №___
20 ý.

Bölüm Wezipesi
Iş ýeri hünäri

Familiýasy, A., Aa.

Hakujy hasabaty №____ 20 ý.

Hakujynyň niýetlenilişi

| | Möçberi | Hasabat barlandy | Debet: Hasap | Kart. | Möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| Öňki hakujydan galany | | bölüm madda | | | |
| Artyk harçlanany | | Tassyklamaga | | | |
| | | man. teň. | | | |
| Alyndy (kimden) | | Buhgalter | | | |
| | | 20 ý. | | | |
| 1 | | | | | |
| 2 | | Hasabaty | | | |
| 3 | | | | | |
| Jemi alnany: | | | Kredit | | |
| Harçlanany | | möçberde tassyklaýaryn | | | |
| Galyndy | | Goly | | | |
| Artyk harçlandy | | | | | |
| Goşundy resminama | | 20 ý. | | | |

*Arka tarapy*

| Sene | Resminamanyň t/b | Kime, näme üçin we haýsy resminama boýunça tölendi | Möçberi | Debet hasap | Debet kart |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | Jemi............ | | | |

Jogapkär adamyň goly _____________

Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň
Tertibine 2-nji goşundy

## Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň tertibiniň berjaý edilişiniň barlaglary hakynda

## HASABAT

20__ ýylyň ____________________ aýy üçin

| t/b | Kärhananyň ady | Barlagyň geçirilen senesi | Ýüze çykarylan düzgün bozmalaryň umumy möçberi | şol sanda: | | | | | | Jerimäniň möçberi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Karz edarasyndan çek boýunça alnan nagt pullaryň gaýry maksatlara ulanylany | Kassa galyndysynyň bellenilen çäk möçberinden ýokary geçeni | Nagt girdejiden ulanylan pullaryň möçberi | Nagt pullaryň girdeji edilmedik möçberi ýa-da doly girdeji edilmezligi | Kärhanalar we raýatlar bilen edilen nagt hasaplaşyklar | EGKA ulanmazdan geçirilen hasaplaşyklar | |
| | | | | | | | | | | |

Pul dolanyşygy müdirliginiň (bölüminiň) başlygy ______________ goly

Ýerine ýetiriji __________ goly

Türkmenistanda kassa amallaryny ýöretmegiň
Tertibine 3-nji goşundy

# YNANÇ HATY

______________________________________________ tarapyndan
(Kärhananyň doly ady we salgysy)

______________________________________________ nagt pullary almak üçin
(Hyzmat ediji karz edarasynyň ady)

________________________________ Pasport ______ __________
(Kärhananyň kassiriniň F.A.Aa.) (seriýasy) (belgisi)

________________________________ Pasport ______ __________
(Kärhananyň kassiriniň ýanyndaky işgäriň F.A.Aa.) (seriýasy) (belgisi)

________________________________ Pasport ______ __________
(Kärhananyň kassiriniň ýanyndaky işgäriň F.A.Aa.) (seriýasy) (belgisi)

________________________________ Pasport ______ __________
(Kärhananyň kassiriniň ýanyndaky işgäriň F.A.Aa.) (seriýasy) (belgisi)

________________________________
(Kärhananyň awtoulagynyň kysymy we döwlet belgisi)

________________________ ________________
Kärhananyň ýolbaşçysynyň F.A.Aa. (goly)

MÝ